# Gargalar

Category: Çagalar edebiýaty,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gargalar

GARGALAR / kiçijik erteki

Gara garga gara garga
Garagaçdan garap duran
Gary gara garyberip,
Şeýle täsin gürrüň beren:

– Gadyrdanym garry garga
Geçen gije garap gara:
“Gary gara gargyn!” – diýdi.
“Gary gara, gara-gara,
Peýnir ýasap bergin!” – diýdi.

Menem gije garap gara,
Gary gara garyberdim.
Gary gara, gara-gara,
Gar deý peýnir ýasap gördüm.

Gara garga, gara gargaň,
Ynanasoň söhbetine,
Boýun burup, kän ýalbaran,
Göwni gidip zähmetine.

– Eý, gardaşym, gara garga,
Onda, gary, gar-da! – diýen.
Näçe diýseň, gar-a bar-a,
Peýnir ýasap ber-da! – diýen.

Gara garga, gara garga:
– Görmezdim kyn, emma arman.
Gör, men bu gün argyn – diýen.
Gar üýşürip harman-harman,
Gowsy, özüň gargyn – diýen.

Gara-gara irmän-arman,
Peýnir ýasap görgün – diýen.
Onsoň senem ile bermän,
Iýip, döwran sürgün – diýen.

Ol ynanjaň gara garga,
Gije gary gara garan.
Bagban irden baryp baga,
Garda gatan garga gören.

*1979*

Çagalar edebiýaty